**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022 -nji ýylyň 31-nji maýyndaky**
**№ 31 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№2-dg (gurluşyk) «Önümçilik maksatly obýektleriň gurluşygy barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1. №2-dg (gurluşyk) formasy boýunça hasabaty haýsy pudak edarasyna tabyndygyna garamazdan,önümçilik maksatly desgalaryň gurluşygyny amala aşyrýan eýeçiligiň ähli görnüşindäki sargyt ediji (gurujy) - kärhanalar (guramalar) düzýärler.

2. Düýpli gurluşyk boýunça hasabatda «gurluşyk», «gurluşygyň yzygiderliligi», «işe girizilýän toplum» we « gurluşyk obýekti» düşünjeler ulanylýar.

Gurluşygyň giňeldilmegi we durkunyň täzelenmegi däp bolşy ýaly ýeke-täk taslama - smeta resminamalary boýunça amala aşyrylýan jaýlaryň, desgalaryň toplumy gurluşyk hasap edilýär.

Eger kärhananyň gurluşygy, giňeldilmegi ýa-da durkunyň täzelenmegi aýratyn desgalar üçin taslama we smeta boýunça amala aşyrmaklyga rugsat berlen bolsa, onda bir ýa-da birnäçe meýdançada ýerleşýändigine garamazdan gurulýan, giňeldilýän we durky täzelenýän, önümçilik maksatly desgalaryň jemi gurluşyk bolup durýar. Şeýle gurluşygyň taslama-smeta görkezijilerini meýilnama döwründe amala aşyrmaklyk göz öňünde tutulan desgalar we harajatlar boýunça görkezijileriň jemlenme ýoly bilen kesgitleýärler.

Senagat kärhanasynyň nobatdaky gurluşygy diýlip, kärhananyň taslama (iş taslamasy) tarapyndan kesgitlenen, önümiň çykarylşyny ýa-da hyzmatlary üpjün edýän bölümine aýdylýar; ol işe giriziljek bir ýa-da birnäçe toplumdan ybarat bolup biler.

Şu işe girizilýän toplum üçin taslamada ((iş taslamasynda) göz öňünde tutulan önümleriň çykarylmagyny ýa-da hyzmatlaryň edilmegini we hereket edýän kadalara laýyklykda, işleýänler üçin zähmetiň kadaly sanitar-durmuş şertlerini üpjün edýän esasy, kömekçi we hyzmat ediş maksatly desgalaryň, energetika, ulag we ammar hojalygy, aragatnaşyk, inženerçilik kommunikasiýalary, daşky gurşawy goramak, abadanlaşdyryş desgalarynyň jemi (ýa-da olaryň bir bölegi)işe girizilýän toplum bolup durýar.

Ony gurmak, durkuny täzelemek ýa-da giňeltmek üçin aýratyn taslama ýa-da çenlik sanaw düzülmeli bolan aýratyn duran bina ýa-da desga (oňa degişli ähli enjamlar, gurallar we esbaplar, galareýalar, estakadalar, suw üpjünçiliginiň, lagym ulgamynyň, gaz geçirijileriň, ýylylyk geçirijileriň, elektrik üpjünçiliginiň içerki injenerçilik ulgamlary,radiolaşdyryş, howludaky kömekçi we ýardam ediji jaýlar, abadanlaşdyryş işleri we beýleki işler hem-de harajatlar bilen bilelikde) gurluşyk obýekti bolup durýar.

Eger gurluşyk meýdançasynda taslama (iş taslamasy) boýunça kömekçi we ýardam ediji desgalary gurmazdan, diňe esasy maksatly bir desga (mysal üçin, senagatda – esasy maksatly sehiň binasy, ulagda – demir ýol wokzalynyň binasy)gurulýan bolsa, onda gurluşyk desgasy gurluşyk düşünjesine gabat gelýär.

Kärhananyň gurluşygyndaky daşarky, hyzmat ediji we kömekçi binalar (suw üpjünçilik ulgamy, lagym, ýylylyk üpjünçiligi, gazlaşdyryş, energiýa üpjünçilik ulgamlary, golçur ýollar we ş. m.) gurluşygyň düzümine girýän aýratyn gurluşyk desgalary bolup durýarlar.

Jaýda (binada) birnäçe sehler ýerleşýän bolsa bir desga diýlip hasaplanylýar.

Gurluşyga we gurluşyk obýektlerine girmeýänler:

gurluşygyň smetasyna girmeýän enjamlary we maşynlary almaga harajatlar;

köp ýyllyk ekinler (meýdan goragy üçin niýetlenenleri hem goşmak bilen) boýunça harajatlar;

oba hojalyk we beýleki kärhanalar hem-de guramalar tarapyndan işçi we önümçilik mallaryny satyn almak üçin we bar bolan suwarymly ýerleriň düýpli tekizlemek üçin, oba hojalygynyň peýdalanýan ýerlerinde eňňit ýerleriň tekizlenmegini, guradylmagyny talap etmeýän tehniki-bejeriş işleri üçin harajatlar;

geljek ýyllaryň gurluşygynyň taslamasyny düzmek üçin harajatlar;

hereket edýän obýektlerde amala aşyrylýan işleriň we harajatlaryň aýry-aýry görnüşleri, haçanda olaryň durkuny täzelemek, giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, şeýle hem kuwwatlygyny goldamak işleri geçirilmedik ýagdaýynda (meselem, tehniki howpsuzlyk işleri, sehleriň içinde ýangyna garşy çäreler we ş. m., jaýlaryň içindäki işler);

söwda we derman kiosklary, çadyrlar, dükanlar we ş. m.

Maglumatlary №2-dg (gurluşyk) formanyň hasabatynda görkezilýän gurluşyklaryň, obýektleriň we kuwwatlyklaryň sanawyny gurujy-kärhana (gurama) öz ýerleşýän ýerleri boýunça statistika edarasy bilen ylalaşýar.

3. Boş setirlerde her bir gurluşyk boýunça maglumatlar getirilýär: başda - tutuş gurluşyk boýunça, soňra onuň düzümine girýän her bir desga boýunça maglumatlary bölüp aýyrýarlar (işe girizilýän toplum, önümçilik, kuwwatlyk boýunça).

Eger gurujy tarapyndan iki we şondan köp desganyň gurluşygy amala aşyrylýan bolsa, onda ilki bilen bir gurluşyk we oňa girýän desgalar boýunça, soňra bolsa beýleki gurluşyk hem-de oňa degişli desgalar boýunça maglumatlar ýazylýar we ş.m.

4. Hasabatda anyk gurluşyklara degişli bolmadyk, hususanda, gurluşygyň smetasyna girmeýän enjamlary we maşynlary almak, geljek ýyllaryň gurluşyklary üçin taslama-gözleg işleri üçin harajatlar görkezilmeýär.

5. Gurluşyklaryň, obýektleriň, işe girizilýän toplumlaryň, önümçiligiň we kuwwatlyklaryň atlary taslama-smetasyna laýyklyk anyk A sütünde ýazylýar.

6. Gurluşygyň atlaryndan soňra gurluşygyň häsiýeti ýazylýar: täze gurluşyk, giňeltmek, guramaçylyk tehniki işleriň hasabyna tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak. Gurluşygyň häsiýeti taslama-smeta resminamalaşdyrylmasyna görä görkezilýär.

7. Gurujy-kärhanalar (guramalar) obýektleriň (işe girizilýän toplumyň) atlaryndan soňra onuň haýsy serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýandygyny görkezýärler:

merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň hasabyna;

kärhananyň serişdeleriniň hasabyna.

8. Eger gurluşyk bir baş potratçy tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, onda A sütünde onuň ady we pudaklaýyn dolandyryş edaralara degişliligi görkezilýär. Eger işler birnäçe baş potratçy guramalary tarapyndan alnyp barylýan bolsa, onda olaryň atlary we pudaklaýyn dolandyryş degişliligi gurluşygyň düzümine girýän degişli desgalaryň atlaryndan soňra getirilýär.

9. A sütünde şeýle hem kabul ediş delilnamasynyň tassyklanan wagty görkezilýär, eger desgalaryň girizilişi barada maglumatlar 3-nji sütünde getirilen bolsa ýa-da döwlet barlag toparynyň kabul ediş delilnama gol çeken wagty, eger-de maglumatlar 4-nji sütünde getirilen bolsa.

10. B sütünde işe girizilen kuwwatlygyň bellenilen ölçeg birligi görkezilýär. Käbir kärhanalar boýunça kuwwatlyklaryň herekete girizilişi hasabatda iki ölçeg birlikde görkezilýär. Meselem, demirbeton önümleri zawody boýunça, jaý gurluşyk önümleriniň öndürilişi boýunça kuwwatlyklaryň herekete girizilişi demirbeton önümleriniň kub metrlerinde we umumy inedördül meýdanlarda bellenýär; egirme-dokma fabrikleri boýunça - dokma enjamlary we egiriji ýerler; söwda kärhanalary boýunça - kärhanalaryň sany, dükanyň söwda meýdany.

11. Maglumatlary hökman №2-dg (gurluşyk) formada getirilmeli gurluşyklaryň we desgalaryň sanyna girýärler:

11.1. Daşary ýurtlardan getirilýän toplumlaýyn enjamlaryň esasynda amala aşyrylýan hemme desgalar. Eger gurluşykda desgalar daşary ýurtlardan getirilýän toplumlaýyn enjamlaryň esasynda bina edilýän bolsa we şol bir wagtda aýratyn desgalar öz enjamlarymyz esasynda ýasalýan

bolsa, onda boş setirlerde ilki bilen öz enjamlarymyz esasynda gurulýan desgalar boýunça maglumatlar, soňra bolsa daşary ýurtlardan getirilýän toplumlaýyn enjamlaryň esasynda gurulýan desgalaryn her birisi boýunça maglumatlar görkezilýär.

11.2. Tebigaty goraýyş desgalary.

11.3. Azyk däl sarp edilýän harytlary öndürýän kärhanalar we desgalar.

11.4. Döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gatnaşýan kärhanalar we desgalar.

11.5. Söwda,jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary (içinde gurlanlar we goşmaça gurlanlary goşmak bilen) her bir kärhana boýunça aýry-aýry, şeýle-de desgalaryň indiki toparlary boýunça: söwda merkezi we dermanhanasy bolmadyk söwda kärhanalary boýunça, dermanhana dükanlary we kiosklar, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary boýunça dükanlar; söwda merkezleri boýunça; dermanhana ammarlary bolmadyk umumy haryt ammarlary boýunça; kartoşka, gök önüm we miwe ammarlary boýunça; bölekleýin sowadyjylar boýunça; ownuk bölekleýin söwda ulgamynyň desgalaryny goşmak bilen beýleki söwda desgalary boýunça.

Ownuk bölekleýin söwda ulgamlarynyň desgalary (çadyrlar, dükanlar, kiosklar) diňe kärhanalaryň işe girizileniniň sany we maýa goýumlary boýunça hasaba alynýar;olar boýunça söwda meýdany hasaba alynmaýar we şeýle desgalar boýunça 1-3-nji sütünler doldurylmaýar.

Alyjylar üçin söwda jaýlary bar bolan pawilionlar, wagon-dükanlar, gämi dükanlary dükan hasaplanýar; eger şeýle jaýy bolmasa, onda olary ownuk-bölek söwda ulgamlary desgalarynyň sanyna goşmaly bolýar.

Sanalan desga toparlarynyň atlary A sütünde ýazylýar, galan sütünlerde bolsa olar hakynda degişli maglumatlar getirilýär. Görkezilen toparlara ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygynyň we halk hojalygynyň beýleki pudaklary boýunça serişdeleriň hasabyna gurulýan desgalar hem goşulýar.

Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna bölünip berlen maýa goýumlaryndan alynýan tutumlaryň hasabyna gurulýan söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary boýunça maglumatlar hem boş setirlerde görkezilýär. Şunlukda A sütünde desganyň atlaryndan soň olar boýunça «ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygyndan gelýän tutumlaryň hasabyna» görkezilýär.

11.6. Her bir gaty örtükli umumy peýdalanyş awtomobil ýoly boýunça. A sütünde «Awtomobil ýoly» sözlerinden soň aralaryndan ýol gurulýan ýaşaýyş nokatlarynyň atlaryny, şol ýoluň gurulýan ýeriniň adyny ýa-da belgisini şol ýeriň welaýatynyň, etrabynyň adyny görkezmek bilen ýazylýar.

Welaýat we ýerli ähmiýetli, umumy peýdalanylýan awtomobil ýollary boýunça maglumatlardan «şol sanda» awtomobil ýollary boýunça daýhan birleşikleriniň esasy hojalyk merkezlerini we etrabyň merkezi bilen beýleki oba hojalyk kärhanalaryny birikdiriji awtomobil ýollary barada maglumatlar bölünip görkezilýär. Şu ýagdaýda «şol sanda awtomobil ýoly» sözlerinden soň arasynda şolar ýaly ýol gurulýan oba hojalyk kärhanasynyň we etrap merkeziniň atlary ýazylýar.

Şeýle hem hasabatda gara örtükli ýollar boýunça maglumatlary görkezilýär.

12. Eger hereket edýän kärhananyň giňelmegi ýa-da durkunyň täzelenmegi bilen bir hatarda onuň tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy göz öňünde tutulýan bolsa ýa-da giňelmegi bilen bir wagtda aýry-aýry sehleriň durkuny täzelemek göz öňünde tutulýan bolsa, onda kärhanany giňeltmek, durkuny täzelemek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça maglumatlar jemlenmeýär, bölekleýin görkezilýär.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**